Ýaş nesilleri beden taýdan sagdyn, ruhubelent, maksada okgunly adamlar bolup ýetmekleri barada alada Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Şol esasan hem ajaýyp zamanamyyzda bedenterbiýe-sport hereketini ösdürmek we sagdyn durmuş ýörelgesini ýola wagyz etmek üçin giň gerime eýe boldy. Garassyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda bedenterbiýäni, sagdyn durmuş ýörelgesini jemgyýetimize mäkäm ornaşdyrmagyň we sporty ösdürmegiň binýatlyk esaslary berk tutulan. Watanymyzyň çar künjeginde gurlup ulanmaga berilýän sport desgalar hem munuň aýdyň subutnamasydyr. Olarda sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmak köpçüligiň hemaýaty astynda boldy.

Sport boýunça halka hyzmatdaşlygy hem barha gerimini giňeldýär. «Bedenterbiýe we sport jemgyýetiň sagdynlygyny üpjün edýär» diýen halkara düşünje dünýä ýurtlarynda hem mäkäm ornaşdy. Munuň özi sagdynlygy berkitmek üçin, halkyň arasynda bedenterbiýe-sport hereketiniň ýaýbaňlanmagyny hem-de sporty baýramlandyrmagy hem alamatlandyrýar. Şol işleriň durnukly dowam etmeginiň hem bolsa esasy şertidir.

Adamynyň sagdynlygy, ruhubelentligi, sportyň ýöriş hökmündäki abraýy barha belende galýar. Beden taýdan sagdyn adamlar Watanmyzyň binýadynda uly orna eýedir. Şonuň üçin her birimiz öz saglygymyzy berkitmelidiris!

**Jumanyýaz NOBATGELDIÝEW**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены